# Öwgi we döwgi

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Publisistika,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Öwgi we döwgi ÖWGI WE DÖWGI

Turuwbaşdan… şuny ýatlatmak gerek:
«Jenaýat hukugynyň iň esasy prinsiplerinden biri – jenaýatyň we jezanyň şahsylygydyr (ýagny, diňe onuň özüne degişliligidir -t.b.)
Raýat – diňe öz eden etmişi esasynda jogapkärçilige çekilip bilner…
Raýat – başga biriniň eden işi sebäpli günäkärlenip bilinmez…»
Bu setirler Jenaýat kodeskiniň 20-nji maddasynda ýazylan…
Indi bolsa, geçen hepdä dolanyp geleliň:
Bilşiňiz ýaly: Halklaryň Demokratik partiýasynyň öňki deňdeş başlygy Selahatdin Demirtaş bäş ýyldan bäri Edirne türmesinde tussaglykda otyr. Onuň aýaly Başak Demirtaş FOX TV teleýaýlymynda Ysmaýyl Küçükkaýanyň gepleşige berýän «Çalar Saat» habarlar gepleşigine gatnaşdy. Ol şeýle diýdi:
– Selahatdin bilen eýýäm 19 aý bäri açyk görşüp bilemzok. Gyzlarymyz on dokuz aýlap kakasy bilen didarlaşyp bilenoklar. Muňa hiç düşünip bilemok. Ýapyk görüşme hukugymyzam ulanyp bilemzok. Kellelerine gelen zady edip ýörler. Nämüçin häzirem görülme hukugymyza öňki ýaly idin berenoklar?
Ysmaýyl Küçükkaýa bilen birlikde bu sözlerden habar taýýarlan Odatv-niň adminstrasiýasyna-da sözli-ýazgyly agyzlaryna gelen zady diýdiler. Adyny ýazyp durmaýyn, Erdoganyň bir halk deputatynyň «Selo diýilýän it güjükleri bilen görşüp bilenokmyş» diýip, utanman çykyş edendigine şaýat bolduk!
Döwlet Bahçeliniň bir metbugat geňeşçisi şeýle diýip ýazdy:
» – Çepçi (sosialist) mediýa! Siziň baryňyz haramzada, baryňyz adamkärçilik duýgularyňyzy ýitiren mahluklarsyňyz!»
Bu sözlerden barypýatan faşizm tüteýär.
Selahatdin Demirtaş boýunça entek sudyň gutarnykly höküminiň ýokdugyny-ha hasaba-da almalyň! Diýmek:
Onuň aýaly Başak Demirtaşam günäli, şeýlemi?

Olaryñ gyzlary 17 ýaşly Delal we 13 ýaşlyja Dilda Demirtaşlar-da günäli, şeýlemi?
Bolýar, etmişiñ şahsylygynam bir gapdala goýalyñ. Iñ ajaýyp adalat – wyždan dälmi? Näme boldy bu jenneti ýurdumyzyñ wyždanyna – aýal-gyzlarymyzyñ, kämillik ýaşyna ýetmedik gyzjagazlarymyzyñ üstüne nagarasyny döwmäge utananoklarmy?

## • URŞUÑ AHLAGY

Žurnalistlige «Aydınlık» gazetinde başladym. Redaksiýanyñ kesgitlenen belli ugurlary bardy:
Aýal-ebtat, çaga-çuga beýlede dursun, eli-goly bagly we jogap bermäge ýagdaýy bolmadyk tussaglar barada ýeke habar berilenokdy.
Indi «Aydınlık» gazeti Başak Demirtaşyñ «gyzlarymyz kakasynyñ ýüzüni on dokuz aýlap görenok» sözünden habar taýýarlan Odatv-ä hüjüm edýär, nämemiş «akja jüýje görünjek bolnup» propoganda edilýärmiş!
Munuñ jogabyny men bermäýin.
Sözi 35 ýyllyk egindeşim, «Aydınlık» gazetiniñ žurnalisti Tunja Arslanyñ 2015-nji ýylyñ 19-njy awgustynda çykan «Uruşda mertligi bilerdik» atly makalasyny ýatlatmak isleýärin. Ol has dözümli mysallara ýüzlenipdi:
«Urşuñ öz hukugy we ahlagy bar. Hiç şübhesiz bölünişikçi terrorizme garşy söweşseñizem, Türkiýäni Ýugoslawiýalaşdyrmak isläp, NATO-ny kömege çagyran «Biji Obamaçylara» garşy göreşiñem öz hukugydyr ahlagy bar. Haramzadalygyñ we syrtdan urmagyñ hiç hili hukugam bolmaz, ahlagam. 10-njy awgustda Wartodaky ýaragly çaknyşykda öldürilen PKK-li Kewser Eltürküñ ýalañaç jesedine edilenler ortada… Aýal-erkek tapawudy ýok, kim bolanda-da, ölen ýa-da öldürilen adamyñ bedenine rowa görülen kowahada sygmajak iş açyk aýtmaly bolsa, «uruşda we parahatçylykda Hezreti Alynyñ edebi bilen hereket edýändigi» aýdylýan goşunymyzy syrtdan urmakdyr. Bu gabahatlygy görübem görmezlige salýanlaryñ, perwaýsyzlyga salýanlaryñ, dymýanlaryñ, sesini gataltmaýanlaryñam şol syrtdan urýanlar bilen aralarynda hiç hili parhy ýok…»

«Aydınlık» gazetinde işleýän ýaş kärdeşlerimi Tunja halypalarynyň ýokarda mysal getirlen makalasynda agzalýan, PKK-ä garşy telim gezek söweşen polkownik Lewent Göktaşyň gürrüň berýän zatlarynam okamagy maslahat berýärin…

**• ÝENE BIR ÇEKIŞME**

Selahatdin Demirtaş türmede kyssa eserlerini, romanlary ýazýar. Onuň birinji «Leýlan» romanynyň soňundaky belliginde «Bu meniň soňky kitabym bolup biler» diýip ýazypdy.
Bir ýarym ýyl geçensoň ýene bir täze «Efsun» romany bilen okyjylarynyň öňüne çykdy. Ol bu romanyň ýazylmagynyň sebäbini kitabynyň soňunda şeýle düşündirdi:
» – Bütin dünýäde bolşy ýaly, Türkiýede-de örç alyp ýaýdan kowid-19 ýokanjy zerarly hemmeler öýlerine gabalyp oturmaly boldy… Aýalymdyr gyzlarym hem karantin çäreleri sebäpli birnäçe aýlap öýden çykmadylar… Gyzlarym, aýalym bilen alyşýan hatlarymyz ýygjamlaşyp başlady. Olaryň «öý tussaglygynda» oturanda içleriniň gysmagyny islemeýärdim. Çagalygymy gürrüň berýän gysgajyk hekaýalary ýazyp ugratmaga başladym. Ine, şeýdibem, şolar okasyn diýip, bir roman ýazmagy makul bildim.»
Geleliň, beýleki çekişmä:
Demirtaşyň ideologik-syýasy pozisiýasy bilen onuň çeper döredijilik dünýäsini biri-birine bulaşdyrmazlyk gerek.
Düýnden şu güne çenli dünýäde söýlüp okalýan käbir ýazyjylar faşistdir. Muňa garamazdan olaryň döredijiligine oňyn baha berlipdi. Ýazyjynyň syýasy şahsyýeti bilen edebi şahsyýetini aýry-aýrylykda dogry seljermegi başaryň.
Käbir metbugat organlarynyň «Efsun» romanyny çakdan aşa öwmegi-de, eýýäm syýasatyň edebiýaty boýunturugy astyna alandygyny görkezýär.
Munuň bilen arasynda uly tapawut bar ýaly bolup görünse-de, Demirtaşyň aýalydyr-gyzlarynyň oň gujagyna dolmagyna garşy çykýanlardan hiç hili tapawudy ýok!
Öwgimizem, döwgimizem çişirmegi gowy görýäris, ýerlikli-ýerliksiz, ölçegsiz-çensiz…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 12.10.2021 ý. Publisistika